# 35 ýaşyñ hyýaly

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
35 ýaşyñ hyýaly 35 ÝAŞYŇ HYÝALY

Kalbym basyrylan çäýnek deý göýä,
Demin alan duýgularym goýaldy.
Ýüregim – çyrp urýan bir bilbilgöýä,
Saýradykça, dili süýjäp, boý aldy.

Ruhum Arşda bulutlara degip dur,
Men ýerde däl, käte gökde ýöredim.
Göwnüme, burnuma ysy gelip dur
Gursagymdan ýanyp duran ýüregiň.

Hasratyny çekdim niçeme güýzleň,
Niçe ýazlar ömre berdiler öwşün.
Mydam ýagşylyga dikildi gözlem,
Ýylmanak gözeller çekmedi ünsüm.

Otuz bäş ýaş – ömrüň syrly öwrümi,
Ruhumda ýaňlanýar şirin mukam, heň.
Ýöne otuz bäşde tapman göwnümi,
Ondan soňam tapyp bilermikäm men?!

Neneň biljek bu günleri halaman,
Bilseň, ýaşlyk dälmi iň hezil döwrüň?!
(Mekge satýan owadan gyz, nalama,
Belki mekgäň deýin süýjüdir ömrüň!)

Yşkyňy soraglap ençe aý-günden,
Bolsa söýgä başyň egen gezegiň.
Gyzlar köýnegini bezese gülden,
Men özümi yşkym bilen bezedim.

Goý, dilden düşmesin aýdym, köne heň,
Gideli ýaşlygyň elwan ýazyndan.
…Maňa ýetdi otuz bäş ýaş, ýöne men

Ýetermikäm otuz bäşiň yzyndan?!

Goçmyrat ORAZBERDIÝEW. Goşgular